# Aşyklar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aşyklar AŞYKLAR

On sekiz müň älemde, haýran bolgan aşyklar.
Tapmaý magşuk soragyn, sersaň bolgan aşyklar.

Her dem başy örgülip, Haka gözi telmuryp,
«Hüw-hüw» diýu, hürkülip, girýan bolgan aşyklar.

Köýüp-ýanyp kül bolgan, yşkynda bilbil bolgan,
Kimni görse gul bolgan, nalan bolgan aşyklar.

Ýol üstünde häk bolgan, synalary çäk bolgan,
Zikrin edip päk bolgan, merdan bolgan aşyklar.

Hümmet kurun baglagan, ýürek-bagryn daglagan,
Perýat urup ýyglagan, girýan bolgan aşyklar.

Gähi ýüzi sargaryp, gähi ýolunda haryp,
Tesbihleri ýa Habyp, jöwlan bolgan aşyklar.

Ahmet, sen hem aşyk bol, sydkyň birle sadyk bol,
Dergähine laýyk bol, janan bolgan aşyklar.

Hoja Ahmet ÝASAWY. Goşgular